# Kitap – mähriban dost

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kitap – mähriban dost KITAP – MÄHRIBAN DOST

– Ylmy kitaplardan iň täzelerini, çeper kitaplardan bolsa has könelerini okaň! Nusgawy edebiýat hiç haçan könelýän däldir.

Eduard Bulwer-Litton, iňlis ýazyjysy.

* * *

Pikirlenmän okadygyňyzça, köp bilýändirin öýdýänsiňiz, pikirlenip okadygyňyzça bolsa, şonça-da az bilýän ýalysyňyz.

Fransua Wolter, fransuz filosofy.

* * *

– Okap düşünmezlik düýbünden okamazlyk bilen barabardyr.

Ýan Komenskiý, çeh pedagogy.

* * *

– Kitap muzd soramaýan mugallymdyr. Ol her pursatda saňa akyl-paýhas peşgeş berýär.

Alyşir Nowaýy, özbek şahyry we akyldary.

* * *

Kitap iň wepaly dostdur. Iň kyn pursatlarda-da onuň goldawyna bil baglamak bolar. Kitap hiç haçan biwepalyk etmez.

Alfons Dode, fransuz ýazyjysy.

* * *

Adamlar okamagy bes edenlerinde, pikir etmegi hem bes edýärler.

Deni Didro, fransuz filosofy.

* * *

Oňat kitaply bolmak, iň uly baýramçylykdyr.

Maksim Gorkiý, rus ýazyjysy.

* * *

Eline oňat kitap düşen adam hiç haçan ýalňyz däldir.

Karlo Goldoni, italýan dramaturgy.

* * *

Dünýäde kitapdan mähriban dost bolmaz.

Alyşir Nowaýy, özbek şahyry we akyldary.

* * *

Her kitaby okamagy başarmak gerek.
Blez Paskal, fransuz alymy we ýazyjysy.

* * *

Pikirlenmän okamak – iýýäniňi çeýnemän ýuwudup oturan ýalydyr.

Edmund Bork, iňlis syýasy işgäri.

* * *

Kitapsyz öý ýüreksiz göwre ýalydyr.

Mark Siseron, gadymy grek akyldary.

* * *

Toplan: Gülşat KULYÝEWA,
Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 29-njy orta mekdebiniň mugallymy. Sözler